**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY**

**«Tassyklaýaryn»**
**Rektor ____________ M.Çaryýew**
**«__» ______ 2026 ý.**

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň we institutyň hyzmatdaşlyk edýän daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda iňlis dilinde *«Ýaşlaryň ylmy gözlegleri»* atly halkara onlaýn ylmy-amaly maslahaty guramak we geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen tassyklanan sanly ylym-bilim ulgamyny innowasion tehnologiýalaryň esasynda ösdürmek bilen bagly bilim syýasatynyň çäklerinde amala aşyrylýan giň gerimli özgertmelere, «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny» ýokary hilli we sazlaşykly durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyna laýyklykda ýurdumyzyň we Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň daşary ýurtlardaky hyzmatdaş ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda iňlis dilinde «Ýaşlaryň ylmy gözlegleri» atly halkara onlaýn ylmy-amaly maslahaty guramagyň maksadyny, wezipesini we geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

1.2. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahat Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan guralýar.

1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki goldawy utgaşdyrmak Guramaçylyk topary tarapyndan ýerine ýetirilýär.

## II. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahatyň maksady we wezipeleri

2.1. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahatyň maksady türkmen halkynyň Milli Lideri alym Arkadagymyzyň we Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň işlerindäki we çykyşlaryndaky milli ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça esaslandyrmalaryndan ugur alýan hukuknamalara laýyklykda ýaş nesle döwrebap bilim bermegiň hilini gowulandyrmaga ýardam etmekden ybaratdyr.

Сканировано с CamScanner

2.2. Maslahatyň esasy wezipeleri:

– halkara hyzmatdaşlygy netijesinde daşary ýurt dilleriniň okadylyşyny has-da kämilleşdirmekden, umumy derejesini we işjeň aragatnaşyk ukybyny barlamakdan;

– sanly ulgam arkaly ýokary okuw mekdepleriniň arasynda ýaşlaryň daşary ýurt dillerini kämilleşdirmek boýunça hyzmatdaşlyk gerimini giňeltmekden;

– türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň bilim maksatnamalaryny netijeli kämilleşdirmek, olary Türkmenistanda dil öwretmegiň tehnologik özgertmeleriniň häzirki döwrüniň talaplaryna laýyk gelýän täze mazmun bilen baýlaşdyrmak babatdaky giň gerimli başlangyçlaryna gyzyklanmalary artdyrmakdan ybaratdyr.

## III. Guramaçylyk topary

3.1. *«Ýaşlaryň ylmy gözlegleri»* atly halkara onlaýn ylmy-amaly maslahaty guramak we geçirmek üçin Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda Guramaçylyk topary döredilýär. Toparyň düzümi institutyň rektory tarapyndan tassyklanýar.

3.2. Guramaçylyk topary:

– halkara onlaýn ylmy-amaly maslahaty geçirmegiň tertibini, wagtyny kesgitleýär we guramaçylyk işini üstünlikli ýerine ýetirýär;

– hödürlenýän çykyşlary seljerýär we saýlap alýar;

– halkara onlaýn ylmy-amaly maslahata gatnaşyjylaryň sanawyny kesgitleýär;

– Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň we daşary ýurtlardaky hyzmatdaş ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda halkara onlaýn ylmy-amaly maslahaty guramaçylykly geçirmek boýunça aragatnaşyk saklaýar.

## IV. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahatyň işiniň ugurlary

4.1. Maslahatyň barşynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň we institutyň hyzmatdaşlyk edýän daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň aşakdaky meseleler boýunça çykyşlary diňlener:

– "Diller abadançylygyň we rowaçlygyň ýoludyr" atly birinji bölüm Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň garaşsyzlygynyň we bitaraplygynyň taryhy köklerine, halkara syýasy ähmiýete eýe bolan parahatçylykly dostluk gatnaşyklaryny ösdürmekdäki hyzmatyna bagyşlanar;

– "Diliň kämilligi – ruhuň kämilligi" atly ikinji bölümiň işi dil biliminiň häzirki zaman meselelerine bagyşlanar;

– "Medeni gatnaşyklar – müdimi gatnaşyklar" diýip atlandyrylan üçünji bölümde edebiýatyň we ynsanperwer, medeni, edebi gatnaşyklaryň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak meýilleşdirilýär;

– "Diller dünýä ýol açýar" atly dördünji bölüm dünýä dillerini öwrenmegiň we öwretmegiň möhüm meseleleri barada bolar;

– "Terjime medeniýetara gatnaşyklaryň serişdesi hökmünde" atly bäşinji bölümde terjimeçilik we terjimeçilik işiniň düýpli meselelerine seretmek meýilleşdirilýär.

Сканировано с CamScanner

## V. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahaty guramagyň we geçirmegiň tertibi

5.1. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahata ýurdumyzyň we institutyň hyzmatdaşlyk edýän daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň, hususan-da:

1. Beýik Britaniýanyň Nottingham Trent uniwersitetiniň;
2. Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Martin Lýuter adyndaky Halle-Witenberg uniwersitetiniň;
3. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Waýoming uniwersitetiniň;
4. Hytaý Halk Respublikasynyň Pekin halkara öwrediş uniwersitetiniň;
5. Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň;
6. Koreýa Respublikasynyň Hankuk daşary ýurt dilleri uniwersitetiniň;
7. Koreýa Respublikasynyň Kangwon milli uniwersitetiniň;
8. Russiýa Federasiýasynyň Naberežnyýe Çelny döwlet mugallymçylyk uniwersitetiniň;
9. Eýran Yslam Respublikasynyň Maşadyň Ferdöwsi adyndaky uniwersitetiniň;
10. Özbegistan Respublikasynyň Özbek döwlet dünýä dilleri uniwersitetiniň;
11. Gazagystan Respublikasynyň Abylaý han adyndaky Gazak halkara gatnaşyklar we dünýä dilleri uniwersitetiniň talyplary gatnaşyp biler.

5.2. Çykyşlaryň gysgaça beýanyny görkezilen salga guramaçylyk toparyna ugratmaly (çykyşyň dowamlylygy 7-10 minut)

5.3. Halkara onlaýn ylmy-amaly maslahatyň işi 2026-njy ýylyň 16-njy aprelinde sagat 14:00-da başlaýar;

5.4. Gatnaşmaga isleg bildirýän talyplar degişli maglumaty nusga laýyklykda doldurup, 2026-njy ýylyň 20-nji martyna çenli ylym.datmddi@gmail.com elektron salga ugratmaly:

**«*Ýaşlaryň ylmy gözlegleri*» atly halkara onlaýn ylmy-amaly maslahata gatnaşyjynyň sargydy**

| | |
|---|---|
| Familiýasy, ady, atasynyň ady (doly) | |
| Maslahata gatnaşyjynyň okaýan ýokary okuw mekdebiniň ýerleşýän ýeri (ýurdy, şäheri) | |
| Maslahata gatnaşyjynyň okaýan ýokary okuw mekdebiniň ady | |
| Bilim derejesi (bakalawr, magistr, hünärmen ýa-da aspirantura) | |
| Okuw ýyly | |
| Hünäri | |
| Ylmy ýolbaşçysy | |
| Maslahata gatnaşyjynyň e-mail poçta salgysy | |
| Telefon belgisi | |
| Temasynyň ady | |

Сканировано с CamScanner

5.5. Maslahata gatnaşyjylaryň tapawutlanan çykyşlarynyň makalalaryny institutyň “Filologiýanyň meseleleri” atly ylmy-usuly elektron žurnalynda neşir etmek meýilleşdirilýär.

Сканировано с CamScanner